# Arhiwde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Arhiwde ARHIWDE

Geçmiş taýa geçip giden ýyllaryñ,
Külpetli-külpetlu köp menzilleriñ
Wakalarnyñ baryn özünde jemlän
Bu arhiwde oýa batman bilmerin.

Şuwwuldysy munda ösen ýelleriñ,
Şuwwuldysy mundan göçen gülleleñ.
Dymyşlykdan şol sesleri eşdeñsoñ
Oýa batman durup biljek, sen neneñ?

Birden hasrat ýüregiñden ýapyşýar,
Halasgär dek birden şatlyk ýetişýär.
Atalaryñ gurup giden ýollary,
Gelip-gelip gursagyñda kesişýär.

Atalaryñ dymyp çeken gaýgysy,
Eneleriñ ençe mähri, söýgüsi –
Bary ýatyr hol ullakan tekjede
Kagyzlarda galan olañ duýgusy.

Toplar gümmürdeýär şu tekjelerde,
Tolerance tutulýar şu tekjelerde.
Taryhyñ öñünde oýlanyp durun
Geçmişim, geljegim güwleýär serde.

Allaýar ÇÜRIÝEW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 24.09.1977 ý. Goşgular